# Golf oýnunyñ taryhyndan

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 22 января, 2025
Golf oýnunyñ taryhyndan GOLF OÝNUNYÑ TARYHYNDAN

Golf gadymy sport oýunlarynyñ biri bolup, ol häzirki günlere çenli hem öz meşhurlygyny ýitirenok. Bu oýnuñ maksady kiçiräk topy ýörite golf taýagynyñ kömegi bilen çukurjyga düşürmek. Bu oýun oýunçylaryñ arasynda topar bolup oýnalýar. Oýunda näçe az urgy bilen topy çukura salsañ, şonça-da üstünlikli hasaplanylýar.
Golf oýny ilkibaşda Şotlandiýada çopanlar tarapyndan oýnalyp başlanypdyr. Olar çopan taýaklary bilen daşlary towşanlaryñ hinine tarap zyñyp oýnapdyrlar. Bu oýun çak edilişine görä, XIV asyrlarda oýnalypdyr. Niderlandlarda XVII asyrda golf taýagy bilen top oýnapdyrlar. Şotlandiýada oýunlar XIX asyrda häzirki zaman görnüşine gelipdir.
Golf oýnunyñ XV asyrda ilkinji görnüşleriniñ peýda bolan döwri barada häzirki döwürde-de bu ugurdan hünärmenleriñ arasynda jedel dowam edýär. Hünärmenleriñ käbiri bu oýun Rim imperiýasynda oýnalan (paganika), ýagny oýunçylaryñ egri taýak bilen perden doly topy zyñyp oýnaýan oýunlaryndan gözbaşyny alandyr diýip çaklaýarlar. Başga bir garaýyşlara görä, golf gözbaşyny hytaýlylaryñ VIII-XIV asyrlarda meşhur bolan "Çuýwan" atly oýunlaryndan soñ ýaýrapdyr diýip hem çaklanýar. Mun patyşalygynyñ ýyl ýazgylarynda 1368-nji ýyllarda "Güýz

dabarasynda hytaý hökümdarynyň we köşk agzalarynyň golf taýagy bilen kiçiräk topy çukura salmaga edýän synanyşyklary barada ýatlanyp geçilipdir.
Orta asyrlarda "Çuýwan" Günbatar döwletlerinde-de belli bolupdyr. Golfa meňzeş gadymly ýene-de bir belli oýunlaryň biri "Kambukadyr". Bu oýun Germaniýada, Angliýada oýnalypdyr.
Muňa garamazdan, häzirki zaman golf ilkinji gezek 1457-nji ýylda Şotlandiýanyň şasy Ýakow II-niň bu oýnu gadagan eden wagtyndan taryhy ýazgylara girizilipdir. Ýakow II bir döwürde tüpeň atyjylaryň okuwdan ünsüni sowýandygy üçin golf oýnunu gadagan edipdir. Az wagtlyk gadagançylyga garamazdan, Şotlandiýa golf oýnunyň dörän ýeri hasaplanýar we häzirki güne çenli ol bu ýurtda öz meşhurlygyny ýitirmän gelýär.
Oýunçylar bu oýny ýörite niýetlenilen meýdançada oýnamagy halaýarlar. Golf oýnunyň düzgünleri 1774-nji ýylda döredilipdir. Golf boýunça ilkinji ýaryş, Çempionatyň açylyşu 1860-njy ýylyň 17-njo oktýabrynda Şotlandiýanyň Günortasyndaky Prestbiksom golf ~ klubynda geçirilipdir.
Golf meýdançasy birnäçe çukurjyklardan durýar. Olaryň her haýsynyň öz başlangyç meýdany bar. Başlangyç meýdanyndan, ahyrky çägi görkezýän iki sany bellikden ybaratdyr we ol ýerde goýar ýaly sekijik goýlandyr. Meýdança tekiz we büdür-südür, päsgelçilikli meýdançalardan ybarat bolupdyr.
Onuň ahyrky nokady baýdajyk bilen belgi edilen çukurjyk bolup durýar. Çukurjygyň ýerleşýän ýerinde otlar pesräk edilip kesilýär. Galan ýerlerde bolsa, päsgelçilikleri artdyrmak üçij meýdançanyň otlary dürli görnüşde gyrkylýar. Köplenç ýagdaýda, çukurjyklar başlangyç meýdançadan göni görner ýaly edilip ýerleşdirilýär, kähalatlarda çukurjyklar sag ýa-da çep tarapda-da bolup bilýär. Şeýle çukurjyklar "dogleg" diýip atlandyrylýar. Kähalatlarda çukurjyklar iki gezek gytaklaýyn hem gazylýar, şonda olara "goşa dogleg" diýilýär. Adaty golf meýdançasynda 18 çukurjyk bolýar.
Golf oýnuna meňzeş oýun türkmen milli oýunlarynda-da bar. Ol çilik oýny diýlip atlandyrylýar. Çilik oýny, köplenç, ýaş ýetginjekleriň arasynda oýnalýar. Oýun üçin bir düz ýa-da oty pesräk meýdany saýlap alýarlar. Oýunçylar öz ýanlary bilen berk agaçdan taýaklry we iki ujy ýiteldilen taýajyk çilik alyp gelýärler.
Bu oýna gatnaşýanlar 5-6 adamdan ybarat bolan toparlara bölünýärler. Soňra topar ýolbaşçylary bije atyşýarlar. Haýsy

toparyñ bijesi çyksa; olar oýnalýan ýeriñ merkezini eýeleýärler.
Oýun üçin 10 mert giñlikdäki tegelek çyzyk çyzylýar hem-de onuñ içinde nyşanalyk kesek goýulýar ýa-da guduk-çukur gazylýar. Soñra bijesi çykan topardan biri çiligi ýokaryk zyñýar we ony öz toparynyñ oýunçylarynyñ taýagy bilen urýar.
Umuman alanyñda, türkmen milli oýunlary diñe bir wagty gyzykly geçirmek üçin däl-de, eýsem, oýunçylaryñ üşükliligini, çalasynlygyny, mergenligini, maksada okgunlylygyny artdyrmaga ýardam edýär.
Golf barada R.Tolkien 1937-nji ýylda ertekili kyssasyny ýazdy.
Golf oýnuna bagyşlanyp ençeme: "Golf-klub" (1980 ý.), "Golf-klub-2" (1988 ý.), "Demir kubok" (1996 ý.), "Bagtly Gilmor" (1996 ý.), "Ajaýyp ýeñiş" (2005 ý.) ýaly çeper filmler surata düşürilipdir.
Taýýarlan: Ogulgözel ŞAGULYÝEWA.

# zenankalby_2017 Sport we turizm